T Ü R K M E N I S T A N Y Ň B I L I M M I N I S T R L I G I
DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI
DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

# Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň IX-XI synp okuwçylarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça II olimpiadany guramak we geçirmek hakynda

# DÜZGÜNNAMA

Aşgabat – 2024

## I. Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň IX-XI synp okuwçylarynyň arasynda iňlis dili dersi boýunça II olimpiadany (mundan beýläk Olimpiada) gurnamagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň maksadyny, wezipesini we tertibini kesgitleýär;
1.2. Olimpiada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň goldamagy bilen Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan gurnalýar;
1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki goldawy utgaşdyrmak Olimpiadany gurnaýjy tarapyndan alnyp barylýar.

## II. Bäsleşigiň maksady

2.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky 519 belgili Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny ýerine ýetirmek;
2.2. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda kabul edilen "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamasyny amala aşyrmak;
2.3. Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2024-nji ýylyň 26-njy ýanwaryndaky 23 belgili buýrugyny we bu buýruk bilen tassyklanan «2024-nji «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary synp okuwçylarynyň arasynda dersler boýunça bäsleşikleri geçirmegiň Tertibini» ýerine ýetirmek;
2.4. Okuwçylaryň nazary we amaly bilimlerini berkitmek we kämilleşdirmek;
2.5. Olarda iňlis dilini öwrenmäge bolan höwesini artdyrmak.

## III. Bäsleşigiň wezipesi

3.1. Umumybilim berýän orta mekdepleriň okuwçylarynyň iňlis dilini bilşiniň umumy derejesini we aragatnaşyk saklamak ukybyny barlamak;
3.2. Iňlis dilinde aragatnaşyk we esasy endikleri ösdürmek: gürlemek, ýazmak, diňlemek we okamak;
3.3. Daşary ýurt dillerini oňat bilýän zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we ukyplaryny artdyrmak.

## IV. Guramaçylyk topary

4.1. Guramaçylyk doparynyň düzümine toparyň başlygy, kätibi we agzalary girýär;
4.2. Ol Olimpiadanyň geçiriliş tertibini, möhletini, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär;
4.3. Türkmenistanyň etrap, şäher, welaýat bilim müdirlikleriniň we umumybilim berýän orta mekdepleriniň wekilleri bilen olimpiadany guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

## V. Olimpiada gatnaşyjylar

5.1. Olimpiada Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň IX-XI synp okuwçylary gatnaşyp biler;
5.2. Gatnaşyjylaryň sany çäklendirilmeýär;
5.3. Olimpiada gatnaşyk meýletin we tölegsiz tertipde ýerine ýetirilýär;

- Olimpiada gatnaşmak isleýän okuwçy 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 24-ine çenli hasaba alynmaly. Munuň üçin umumybilim berýän mekdebiň ýolbaşçysy Olimpiada gatnaşmak isleýän okuwçylarynyň sanawyny Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda datmddi.edu.tm ýerleşdirilen *Gatnaşyjynyň hasaba alnyş maglumatyna* görä düzmeli (1-nji goşundy);
- soralýan ähli maglumatlary anyk we dogry doldurmaly we 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 24-ine çenli Olimpiadanyň Guramaçylyk toparynyň elektron salgysyna patrioticyouthtniwl@gmail.com ugratmaly;
- gatnaşyjynyň hasaba alnandygy barada maglumat we hasaba alnan belgisi 24 sagadyň dowamynda mekdebiň elektron salgysyna ugradylar.

## VI. Olimpiadany guramagyň we geçirmegiň tertibi

6.1. Olimpiada 2 tapgyrda geçiriler;
6.2. I tapgyr internet üsti bilen, iňlis dilinde düzme ýazmak görnüşinde 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 26-syna aşakdaky tertipde geçiriler:

- 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 26-syna sagat 14:00-da institutyň resmi internet saýtynda datmddi.edu.tm düzmäniň temasy yglan ediler;
- Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça iňlis dilinde düzme ýazmaly;
- Düzme bu işden edilýän talaplara (2-nji goşundy) doly laýyk gelmeli;
- Düzme ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;

- Berlen wagtdan (26.02.2024; 17:00) gijä galyp ugradylan işler Guramaçylyk topary tarapynda kabul edilmeýär;
- Olimpiadanyň I tapgyrynyň netijeleri we II tapgyra geçen okuwçylaryň sanawy 2024-nji ýylyň mart aýynyň 20-sine institutyň resmi internet saýtynda datmddi.edu.tm yglan ediler.

6.3. Olimpiadanyň II tapgyry 2024-nji ýylyň mart aýynyň 30-yna Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň binasynda aşakdaky tertipde geçiriler:

- I tapgyrda iň ýokary netije görkezen 25 okuwçy olimpiadanyň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanýar;
- II tapgyr 2024-nji ýylyň mart aýynyň 30-yna sagat 10:00-da institutyň Sanly bilim portalynda iňlis dilinde test görnüşinde geçiriler;
- Test iňlis dilinde okaýyşa, diňlemä, grammatika degişli 10 ýumuşdan ybarat bolup, onuň ýerine ýetirilmegine 90 minut wagt beriler;
- Gatnaşyjy testi özbaşdak ýerine ýetirmeli;
- Her bir gatnaşyja testi geçmek üçin bir mümkinçilik berilýär;
- Testi geçmek bilen gazanylan baha awtomatik usulda hasaplanylýar;

## VII. Ýeňijileri yglan etmek we sylaglamak

7.1. Guramaçylyk topary II tapgyryň netijeleri boýunça Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitleýär;

7.2. Olimpiadanyň ýeňijileri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň Diplomy, olary taýýarlan mugallymlar institutyň Hormat haty bilen sylaglanar we olaryň sanawy institutyň resmi internet saýtynda yglan ediler;

Habarlaşmak üçin: ***patrioticyouthtniwl@gmail.com***

**1-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň**

**IX-XI synp okuwçylarynyň arasynda**

**iňlis dili dersi boýunça II olimpiada**

**Gatlaşyjynyň hasaba alnyş maglumaty**

| t/b | Okuwçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Doglan güni, aýy, ýyly | Bilim alýan orta mekdebiň salgysy | | | Okaýan synpy | Okuwçyny bäsleşige taýýarlaýan mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Işleýän ýeri we wezipesi | Okuwçynyň telefon belgisi | Mugallymyň telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **Welaýat** | **Etrap/ şäher** | **Mekdep belgisi** | | | | | |
| 1. | | | | | | | | | | |
| 2. | | | | | | | | | | |
| 3. | | | | | | | | | | |
| 4. | | | | | | | | | | |
| 5. | | | | | | | | | | |

Bellik: Gatlaşyjynyň hasaba alnyş maglumaty 24.02.2024 ý. senede sagat 18:00-a çenli kabul edilýär, maglumat ***patrioticyouthtniwl@gmail.com*** salga ugradylmaly.

**2-nji goşundy**

**Türkmenistanyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň IX-XI synp okuwçylarynyň arasynda iňlis dili boýunça II olimpiada**

**I tapgyrda iňlis dilinde ýazylýan düzmeden edilýän talaplar**

1. 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 26-syna sagat 14:00-da Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň resmi internet saýtynda datmddi.edu.tm düzmäniň temasy yglan ediler;
2. Her bir gatnaşyjy berlen tema boýunça iňlis dilinde düzme ýazmaly;
3. Düzme her bir gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak ýazylmaly;
4. Düzme öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmaly; başga awtorlaryň işlerinden ulanylan bolsa, salgylanmalar bilen bellenilmeli;
5. Düzmäniň söz sany **300** sözden az we **500** sözden köp bolmaly däl (düzmäniň ady söz sanyna girmeýär);
6. Düzme Times New Roman şriftde, 14 pt ölçegde ýazylmaly, sahypanyň inine deňleşdirilmeli we **.doc, .docx** görnüşde ýatda saklanylmaly;
7. Faýlyň ady gatnaşyjynyň hasaba alnyş belgisi we familiýasy (1001_Amanow) görnüşinde ýatda saklanylmaly;
8. Düzme ýazmak we ony Guramaçylyk toparynyň garamagyna ugratmak üçin gatnaşyja 180 minut (3 sagat) wagt berilýär;
9. Düzme 2024-nji ýylyň fewral aýynyň 26-syna sagat 17:00-a çenli Guramaçylyk toparynyň garamagyna patrioticyouthtniwl@gmail.com elektron salga ugradylmaly;
10. Görkezilen wagtdan gijä galan ýa-da berlen şertlere laýyk gelmeýän işler bäsleşige goýberilmeýär.